# Esadyñ çöküşinden sapak almak lazym!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Esadyñ çöküşinden sapak almak lazym! ESADYÑ ÇÖKÜŞINDEN SAPAK ALMAK LAZYM!



Hemme diktatorlaryñ soñy biri-birine meñzeýär.
Taryhyñ dürli döwürlerinde elmydama görlüp gelinse-de, sapak alynmandyr!
Wah, şu ambisiýa! Wah, şu güýç zäherlenmesi!
Daşa gitmegiñ geregi ýok! Ýakyn taryhda nämeler bolupdy? Ýakyn taryha ser salalyñ:
Rumyniýada Çawuşesku we onuñ aýaly oka tutulypdy…
Liwiýada Kaddafi õz halky tarapyndan tike-tike edilipdi…
Yrakda Saddam ýörite sud edilip ölüm jezasyna höküm edilipdi…
Esad hem köşgüni, bol-telki durmuşyny taşlap Siriýadan gaçmasa, soñy şolañkydan gowy bolmaly däldi! Iñ soñky pursatda maşgalasy bilen birlikde Russiýa gaçyp janyny halas etdi!
* * *

Siriýada heýkeller ýykyldy, adamlar şatlykly tans etdiler, çar künjegi ýeñşiñ şatlygy gurşap aldy.
Siriýalylar bu şatlykly pursatlara añryýany bilen mynasyp, ýöne…

Olaryň ýurtlary halas boldumyka?
Hawa, Esad ýaly zalym diktatordan halas boldular, ýöne olar mundan soň arkaýynlykda, asuda durmuşda ýaşap bilermikäler?
Sözüň doly manysyndaky demokratiýa gowşarmykalar?
Bu örän şübheli, hatda meniň pikirimçe mümkin däl! Haýsy arap ýurdunda demokratiýa bar, Siriyada bolar ýaly?

* * *

Demokratiýa – ösen, progressiw jemgyýetleriň dolandyryş stilidir. Yzagalak, jahyl, fanat jemgyýetleriň däl!
Birnäçe okyjym sorag berýär:
Esad režimini ýykan HTŞ näme? Kim? Kimleriň şärikdeşi?
HTŞ – arap dilinde «Heýet-u Tahriri'ş Şam», ýagny «Şam Azat-edijilik topary» manysyny berýär.
Halkara jemgyýetleriň köpüsi HTŞ-ny terrorçy topar hasaplaýar.
Türkiýe hem 2018-nji ýylda HTŞ-ny terrorçy toparlaryň sanawyna goşandygyny mälim edipdi.
Alty ýyl öň terrorçy hasap eden toparynyň ýeňşini häzir biziňkileriň uly joşgun bilen garşylamagy diýseň täsin.

* * *

HTŞ kimleriň meýilnamasyny ýerine ýetirýär? Bu ýagdaý heniz nämälimligine galýar.
Siriýasa ähli gatlaklara wekilçilik edýän adalatly düzgün gurularmyka? Ýa bolmasa haos bolarmy?
Indi Siriýanyň iň kyn döwri başlaýar.
Serhet goňşymyz bolan Siriýanyň çöküşi Türkiýe üçin utuşly taraplary-da getirip biler, ýitgi-de çekdirip biler. Iň esasysy, sagdyn syýasy ugurlardan ýöremek we akyl-paýhasyň ýolundan azaşmazlyk!
Garyplyk we gadagançylyklar soltanlygy iýip-gemrip gutardy!
Ýeňiş şatlygy, azatlygyňa gowuşmagyň emele getiren baýramçylyk howasy – bularyň hemmesi gowy zat, ýöne aslynda Siriýanyň iň kyn döwri indi başlaýar.
Ýurduň kyrk göterimi amerikanlaryň goldaýan PKK/PÝD terrorçy toparynyň elinde… ABŞ Siriýanyň demirgazygynda Ysraýyla goldaw

bolmagy üçin kürt döwletini gurjak bolýar.
PKK/PÝD-niň basyp alan ýerlerinden öz erkine çykmajagyna görä, Siriýa ymykly bölündi diýen ýaly…

* * *

Ýyllyk girdejisi 10 milliard dollar bolan Siriýanyň 140 milliard dollar daşarky bergisi bar. Bu bergileriň hemmesi diýen ýaly Russiýa we Eýrana…
Agdarylan diktator Esad bu pullaryň köpüsini ýaraga, özüne gurduran köşküne we köşklere, alan lýuks uçarlaryna, goragçylaryna we ýallakçylaryna harçlady.
Halk söz bilen beýan edip bolmajak derejede garyp düşdi. Bir gullukçy ýa ofiser aýda 13 dollar aýlyk alar ýaly pes ýagdaýa düşdi. Millionlarça siriýaly ýurduny taşlap gaçdy.
13 dollar ýaly masgaralaýjy aýlyk alandyklary üçin aç-hor ýaşap durmuşdan bizar bolan siriýaly ofiserler we esgerler söweşmezden yza çekildi we ýurdy HTŞ-niň eline berdi.
Her diktator ýaly Esadyň «görkana» soltanlygy-da soňlandy!
Adalatsyzlyk, garyplyk, fanatizm, yzagalaklyk, mezhep çaknyşyklary, tireparazlyk, korrupsiýa we gadagançylyklar Esady ýykdy!

* * *

Bu tragiki kyssadan almaly sapaklaryň birem – ýurtda demokratiýanyň, asudalygyň, parahatçylygyň we agzybirligiň nähili wajyplygydyr.
Beýik Atatürküň «Ýurtda parahatçylyk – dünýäde parahatçylyk» ýörelgesini ýatdan çykarmazlyk, ýurt bolup gereksiz hokgalary gözlemezlik, pähim-paýhasly we oýlanyşykly syýasy doktrinalardan asla gyşarmazlyk gerek.




- **Günüñ sözi**

*Utanmaga ýüzi ýok adamlaryñ wyždanlary-da bolmaýar!*

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.12.2024 ý. Publisistika